THE ASHGABAT TIMES

# TDIM-niň Halkara gatnaşyklary institutynda Halkara güýç ulanmazlyk güni we Mahatma Gandiniň doglan gününiň 155 ýyllygy mynasybetli çäre geçirildi

2024-nji ýylyň 2-nji oktýabrynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda Halkara güýç ulanmazlyk güni şeýle-de Mahatma Gandiniň doglan gününiň 155 ýyllygy mynasybetli dabaraly çäre geçirildi. Bu barada institutyň resmi web saýtynda 2-nji oktýabrda habar berildi.

Çäräniň başynda şanly senäni ebedileşdirmek maksady bilen institutyň meýdançasynda bag oturtmak dabarasy geçirildi. Soňra Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň orunbasarynyň, şeýle hem Hindistan Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisiniň gatnaşmagynda Mahatma Gandä bagyşlanan «Meniň ömrüm-meniň pendim» atly surat sergisiniň açylmagy bilen dowam etdi.

Halkara zorluksyzlyk güni we Mahatma Gandiniň doglan gününiň 155 ýyllygy mynasybetli maslahat geçirilip, maslahatyň dowamynda Hindistan Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi, Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň orunbasary, BMG-niň Türkmenistandaky sebitleýin utgaşdyryjysy çykyş etdiler. Çykyşlaryň dowamynda Mahatma Gandiniň ömür ýoluna bagyşlanan gysga wideofilm görkezildi.

Habarda bellenilişi ýaly, institutyň rektoryna Hindistan Respublikasynyň Türkmenistandaky ilçisi tarapyndan Mahatma Gandi hakyndaky kitap gowşuryldy.

Hindistan Respublikasynyň garaşsyzlygyny almak üçin amala aşyrylan işleriň lideri, zorluksyzlyk baradaky pelsepesiniň we strategiýasynyň esaslandyryjysy Mahatma Gandiniň doglan güni bilen bilelikde Halkara güýç ulanmazlyk gününiň bellenilip geçilmegi parahatçylyk, çydamlylyk, düşünişmek we zorluksyzlyk medeniýetini ösdürmäge mümkinçilik berýär.

Ýeri gelende bellesek, häzirki wagtda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň düzüminde hem «Hindi burçy» hereket edýär. «Hindi burçy» 2022-nji ýylyň 4-nji aprelinde Hindistan Respublikasynyň Prezidenti Ram Nath Kowindiň Türkmenistana döwlet saparynyň çäklerinde we gatnaşmagynda dabaraly ýagdaýda açylyp ulanylmaga berildi.

Все права защищены